# Türkmen çynary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmen çynary TÜRKMEN ÇYNARY



Başy göge ýeten, türkmen çynary,
Owal aslyň toprak bilen nurdandyr.
Seň baryňda bolmaz köňlüň gubary,
Ýalkawlaryň keramatdan-zordandyr.
Türkmen köňli «men-menlige» hekem däl,
Ýöne kişä boýun burup bakan däl.
Küle öwrülse-de, küle çöken däl,
Ömür örküň namysdandyr-ardandyr.

Ýürek rahatdyr, sen bolsaň esen,
Howalaňy görse, şer yza teser.
Ýapragyňda damja gördüm, bu heser,
Meger, tamdyradan ~ ýürek tardandyr.

Bu dünýäniñ durulygy çeşmeler,
Heñ eder deñinden akyp geçseler.
Gaýalaryñ ýüzündäki keşdeler
Saña asman atly gözel ýardandyr.

Eziz halkym, pederiñe çekenim,
Şol gudratdan şine ýardyñ, bekediñ.
Boz topraga nahalyñy ekeniñ,
Bu gün Ýer ýüzünde orny tördendir.

Şükür, kysmatymyz galmandyr çaña,
Hakdan daş düşmedik, sygyndyk şoña,
Perişde nazary düşüpdir saña,
Ol oguz kowumly beýik ärdendir.

Mämmetnazar BABANAZAROW. Goşgular